# «Seni tapyp, men özümi ýitirdim…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
"Seni tapyp, men özümi ýitirdim…" «SENI TAPYP, MEN ÖZÜMI ÝITIRDIM…».



«Seni tapyp, men özümi ýitirdim».
Ýitirip ýolumyñ ugur-utgasyn,
Özüm undup, ýol ýasap señ köñlüñe,
Men nämä deñäýin, bu yşk utmasyn?
Yzladym köñlüñe barýan ýoly men,
Ähli ýodalardan bu ýol has möhüm.
Dideleriñ eken, dünýäni dörüp,
Agtaryp tapmadyk zyýaratgähim.

Görlüp-eşdilmedik keramat ýaly,
Men seň köňlüň gapysyndan ätledim.
O gapyny açmazdan öň hamana,
Bu dünýäden göwni galan ätmidim?

Soňra seň kalbyňa düşünjek bolup,
Öwrendim oň sessiz dilin suwara.
Şeýdibem ýerledi seniň köňlüňde,
Birmahalky yşk agtaran awara.

Özüm pida edip,özüm ýitirip,
Tapdym,seň köňlüňe barýan ýoly men.
Hasapsyz heňňamly köne dünýäni,
Bu gün yşkdan täze guran ýaly men.

Bu yşk, aşyk-magşuk parhyna bakman,
Her dem aparmaga meýilli dünýäň,
Goýnunda biz üçin bakylyk ýaly,
Ýitirip, tapylan seýildi, dünýäm!

Gyzylgül ANNAGYLYOWA. Goşgular